Söz mülküniň hökmürowany, şygryýet äleminiň ussady, akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň «Ykballynyň ugran işi oň görner» diýip jaýdar belleýşi ýaly, beýik şahsyýetlere mahsus çuň danalyk duýgusyny özünde jemleýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döwlet başyna geçen ilkinji günlerinden başlap amala aşyran beýik işleriniň netijesinde, bagtyýar türkmen halkymyzy röwşen geljege sary alyp gitmek üçin yzygiderli tagallalar edendigini biz her ädimde duýduk.

Bu gün bolsa, peder ýoluny üstünlikli dowam edýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň oňyn özgertmelerinden ybarat bolan maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini hem-de bu iri möçberli özgertmelerde öz hakyky beýanyny tapandygynyň aýdyň şaýady.

Il arasynda «Haýsy ýurtda asudalyk, parahatlyk, agzybirlik bar bolsa, şol ýurt toý-baýramlara, taryhy wakalara baýdyr» diýen ajaýyp aýtgy bar. Şeýle sözlerden ruhlanýan bagtyýar türkmen halkymyzyň her bir güni, her bir pursaty taryhy wakalara, şatlykly senelere beslenýär. Her bir günüň toýa, her bir pursatyň ýakymly wakalara utgaşýan zamanynda ýaşamagyň lezzeti barada söz açanymyzda, eziz Diýarymyzyň özgerişli keşbiniň ajaýyp goýnuna dolýarsyň.

Bu ýylda Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygy we ýurdumyzyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan “2025-nji ýyl – Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly” diýlip yglan edilmegi mynasybetli giň gerimli halkara çäreler geçiriler. Şunda ýurdumyzyň başlangyjy boýunça BMG-niň syýasy meýdançasynda döredilen parahatçylygyň, howpsuzlygyň we durnukly ösüşiň bähbidine Bitaraplygyň dostlary toparynyň çäklerinde hem özara hyzmatdaşlyga möhüm ähmiýet berilýär. Munuň özi ýüze çykýan gapma-garşylyklary parahatçylykly, syýasy-diplomatik ýollar we usullar arkaly kadalaşdyrmaga, döwletleriň arasyndaky ynanyşmagy we düşünişmegi pugtalandyrmaga ýardam bermäge gönükdirilendir.

Parahatçylyk we ynanyşmak adamzadyň abadan geljegini üpjün etmek üçin biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşykly iň gymmatly düşünjeler bolup, ol häzirki wagtda döwletleriň we halklaryň arasynda hyzmatdaşlygyň hem-de ösüşiň baş ýörelgesine öwrüldi.

**Hojanazar GYLYJOW**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026